#205 (227)
среда, 27 ноября 2024 года
Интернет газета
Международные новости
Учредитель — Министерство иностранных дел Туркменистана


# TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETINIŇ MEJLISI



22-nji noýabrda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň sanly ulgam arkaly geçiren Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisinde döwlet durmuşynyň birnäçe meselelerine garaldy, olar boýunça degişli çözgütler kabul edildi.

Mejlisiň Başlygy D.Gulmanowa milli kanunçylygy kämilleşdirmekde, ýurdumyzyň hukuk binýadyny pugtalandyrmakda alnyp barylýan işler barada maglumaty berdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary H.Geldimyradowyň hasabatynda Türkmenistanyň halkara maliýe reýtingini we abraýyny ýokarlandyrmak, degişli düzümler, hususan-da, Beýik Britaniýanyň «Fitch Ratings» agentligi bilen hyzmatdaşlygy pugtalandyrmak boýunça görülýän çäreler barada aýdyldy. Wise-premýer döwlet Baştutanymyzyň garamagyna agentlik bilen ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygy ösdürmäge gönükdirilen degişli teklibi hödürledi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Amanow «Türkmengaz» döwlet konserni tarapyndan gyş möwsümine görülýän taýýarlyk işleri barada hasabat berdi. Bellenilişi ýaly, konserniň «Türkmengazüpjünçilik» we «Türkmengazakdyryş» birleşikleri tarapyndan içerki sarp edijileri tebigy gaz bilen bökdençsiz hem ygtybarly üpjün etmek boýunça degişli çäreler görülýär. Gaz bilen işledilýän enjamlaryň tehniki ýagdaýyna, olardan peýdalanmagyň düzgünleriniň berjaý edilişine yzygiderli gözegçilik edilýär. Tebigy gazy tygşytly we howpsuz ulanmak, enjamlardan talabalaýyk peýdalanmak maksady bilen, köpçülikleýin habar beriş serişdeleri arkaly düşündiriş işleri geçirilýär.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary T.Atahallyýew oba hojalyk pudagynda hem-de welaýatlarda möwsümleýin işleriň geçirilişi barada hasabat berdi.

Bellenilişi ýaly, Daşoguz we Lebap welaýatlarynda şaly hasylyny ýygnamak işleri tamamlaýjy tapgyrda dowam edip, Mary welaýatynda önüm öndürijilerden gant şugundyryny kabul etmek, talabalaýyk saklamak hem-de gaýtadan işlemek boýunça işler alnyp barylýar. Welaýatlarda geljek ýylyň hasyly üçin ýerleri ýazky ekiş möwsümine taýýarlamak maksady bilen zerur çäreler görülýär.

Döwlet Baştutanymyz welaýatlarda geljek ýylda ýerden, suwdan, oba hojalyk tehnikalaryndan, mineral dökünlerden netijeli peýdalanmak maksady bilen, «Türkmenistanda 2025-nji ýylda gowaçanyň ýokary hasylyny ýetişdirmek hakynda» Karara gol çekdi we ony sanly ulgam arkaly wise-premýere iberip, resminamanyň ýerine ýetirilişine berk gözegçilik etmegi tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Annamämmedow Täze ýyl baýramyna taýýarlyk görmegiň çäklerinde Aşgabat şäherinde alnyp barylýan işler barada hasabat berdi.

Bellenilişi ýaly, ýetip gelýän täze — 2025-nji ýyly mynasyp garşylamak we ýokary derejede geçirmek maksady bilen, paýtagtymyzyň esasy medeniýet ojaklarynda, şaýollarynda, dynç alyş seýilgählerinde, medeni-köpçülikleýin çäreleriň geçirilýän ýerlerinde Täze ýyl arçalaryny bezemek, beýleki bezeg işlerini geçirmek göz öňünde tutulýar. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyzyň garamagyna degişli teklip hödürlenildi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary N.Atagulyýew şu ýylyň 4 — 6-njy dekabry aralygynda Söwda-senagat edarasynyň binasynda Türkiýe Respublikasynyň eksport harytlarynyň sergisini, onuň çäklerinde Türkmen-türk işewürler geňeşiniň nobatdaky maslahatyny geçirmäge görülýän taýýarlyk barada hasabat berdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary M.Mämmedowa şu ýylyň dekabr aýynda geçiriljek esasy çäreleriň we medeni-durmuş maksatly binalaryň açylyp ulanmaga berilmeginiň Tertibi barada hasabat berdi.

Bellenilişi ýaly, şu döwürde birnäçe medeni çäreleri guramak, «Merdana nesil — 2024», «Ýylyň parlak ýyldyzy» atly bäsleşikleriň jemleýji tapgyrlaryny geçirmek göz öňünde tutulýar. Halkara Bitaraplyk güni mynasybetli ýurdumyzyň raýatlaryna Türkmenistanyň «Magtymguly Pyragynyň 300 ýyllygyna» atly ýubileý medalynyň gowşurylyş dabaralaryny, Bitaraplyk binasyna gül goýmak dabarasyny, paýtagtymyzdaky Mejlisler merkezinde medeniýet we sungat ussatlarynyň baýramçylyk konsertini, welaýatlarda, Arkadag şäherinde aýdym-sazly çäreleri geçirmek meýilleşdirilýär. Birnäçe çäreler Nebitgaz senagaty we geologiýa işgärleriniň gününe gabatlanylar. Esasy medeni çäreleriň hatarynda 15-nji dekabrda Täze ýyl Baş arçasynyň yşyklarynyň ýakylyş dabarasy, «Ylham» seýilgähinde, Döwlet sirkiniň, «Älem» medeni-dynç alyş merkeziniň, Arkadag şäherindäki «Arkadag Binasynyň» öňündäki meýdançalarda we ýurdumyzyň welaýatlaryndaky «Türkmeniň ak öýi» binalarynyň öňündäki baýramçylyk meýdançalarynda medeniýet we sungat ussatlarynyň baýramçylyk konsertleri bar. Şeýle hem Aşgabat şäheri bilen welaýatlaryň, Arkadag şäheriniň arasynda täze ýyl teleköprüsini guramak, baýramçylyk feýerwerki göz öňünde tutulýar. Şunuň bilen birlikde, dekabr aýynda ýurdumyzyň sebitlerinde birnäçe täze desgalaryň, şol sanda ýaşaýyş jaýlarynyň açylyp ulanmaga beriljekdigi barada aýdyldy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Orazdurdyýewa 2025 — 2026-njy okuw ýylynda Hytaý Halk Respublikasynyň we Wengriýanyň ýokary okuw mekdeplerine ýaşlary okuwa ibermek meselesi barada hasabat berdi. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyzyň garamagyna degişli teklip hödürlenildi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri R.Meredow şu ýylyň 11-nji dekabrynda halkara parahatçylygy we durnukly ösüşi berkitmekde bilelikdäki tagallalara bagyşlanyp geçiriljek maslahata görülýän taýýarlyk barada hasabat berdi. Şunuň bilen baglylykda, Aşgabat şäherinde halkara maslahaty, Bitaraplygyň dostlarynyň toparynyň duşuşygyny geçirmek boýunça degişli işler alnyp barylýar. Bitaraplygyň dostlarynyň toparynyň duşuşygynda hormatly Prezidentimiziň başlangyjy bilen öňe sürlen Ählumumy howpsuzlyk strategiýasyny işläp düzmegiň mümkinçilikleri, parahatçylyk babatda hyzmatdaşlygy giňeltmegiň ädimleri, durnukly ösüşe ýetmek üçin milli we halkara strategiýalara bitaraplyk ýörelgelerini ornaşdyrmak bilen bagly meseleler ara alnyp maslahatlaşylar.

Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentliginiň Baş direktory M.Çakyýew hormatly Prezidentimiziň degişli Kararyna laýyklykda, 26—27-nji noýabrda «Halkara ulag-üstaşyr geçelgeleri: özara arabaglanyşyk we ösüş — 2024» atly halkara maslahaty hem-de sergini geçirmäge görülýän taýýarlyk barada hasabat berdi.

Maslahatyň meýilnamasyna laýyklykda, ýokary derejeli plenar mejlisi geçirmek, birnäçe sessiýalarda dürli meselelere seretmek göz öňünde tutulýar. Şeýle hem ýurdumyzyň başlangyjy bilen BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan kabul edilen Karamama esasynda her ýylyň 26-njy noýabrynyň «Bütindünýä durnukly ulag güni» diýlip ykrar edilmegi mynasybetli, BMG bilen bilelikde Durnukly ulagyň dostlary toparynyň ikinji ministrler maslahatyny, «Hemmeler üçin howpsuz ýollar» atly çäräni guramak meýilleşdirilýär. Halkara maslahata dünýäniň 40-dan gowrak döwletinden we ýurdumyzdan 600-e golaý wekiliň, sanly ulgam arkaly 50-den gowrak wekiliň gatnaşmagyna garaşylýar.

Hormatly Prezidentimiz hasabatlary diňläp, hödürlenen teklipleri goldady we ýerine ýetirilmeli işleri berk gözegçilikde saklamak barada wise-premýerlere degişli tabşyryklary berdi.

Mejlisde döwlet durmuşyna degişli başga-da birnäçe meselelere garaldy we olar boýunça degişli çözgütler kabul edildi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň sanly ulgam arkaly geçirilen mejlisini jemläp, oňa gatnaşanlara berk jan saglyk, maşgala abadançylygyny, berkarar Watanymyzyň gülläp ösmegi ugrunda alyp barýan işlerinde uly üstünlikleri arzuw etdi.

# ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПРИНЯЛ ДЕЛЕГАЦИЮ ОБЪЕДИНЁННЫХ АРАБСКИХ ЭМИРАТОВ

25 ноября 2024 года Президент Сердар Бердымухамедов принял министра энергетики и инфраструктуры ОАЭ Сухейля Аль Мазруи и министра промышленности и передовых технологий, генерального директора Национальной нефтяной компании Абу-Даби Солтана Ахмеда Аль-Джабера.

Выразив искреннюю признательность главе государства за встречу, министры передали тёплые слова приветствия и наилучшие пожелания Президента ОАЭ Шейха Мохаммеда бин Зайед Аль Нахайяна. Было отмечено, что в ОАЭ придают большое значение расширению двусторонних отношений с Туркменистаном.

Поблагодарив за добрые слова, Президент Сердар Бердымухамедов выразил приветствия и наилучшие пожелания главе ОАЭ и подчеркнул, что Туркменистан уделяет особое внимание дальнейшему развитию и укреплению многостороннего сотрудничества.



Наряду с этим было отмечено, что туркмено-эмиратское партнёрство успешно продолжается по политико-дипломатической линии, в торгово-экономической сфере, включая топливно-энергетический комплекс, транспортно-коммуникационный сектор и строительство социальных объектов.

В ходе переговоров отмечена схожесть позиций двух стран по вопросам поддержания мира и безопасности, обеспечения устойчивого развития. Было отмечено, что это служит прочным фундаментом для взаимодействия в рамках авторитетных международных структур, прежде всего ООН.

Особый акцент был сделан на том, что Объединённые Арабские Эмираты являются важными торгово-экономическими партнёрами Туркменистана, о чем свидетельствует ежегодный рост двустороннего товарооборота.

Отметив, что в Туркменистане реализован ряд проектов с участием ведущих компаний и инвестиционных структур ОАЭ, глава государства подтвердил готовность страны к активизации взаимодействия с компанией «ADNOC».

В завершение встречи Президент Сердар Бердымухамедов пожелал министру энергетики и инфраструктуры ОАЭ Сухейлю Аль Мазруи и министру промышленности и передовых технологий, генеральному директору Национальной нефтяной компании Абу-Даби Солтану Ахмеду Аль-Джаберу крепкого здоровья, благополучия, успехов в ответственной деятельности.

Интернет газета
Международные новости


# MEETING OF THE PRESIDENT OF TURKMENISTAN WITH THE US SENATOR



On November 25, 2024, President of Turkmenistan Serdar Berdimuhamedov received the US Senator from Montana, member of the US Senate Committee on Energy and Natural Resources Steve Daines.

Expressing sincere gratitude to the head of state for the time devoted to the meeting, the guest emphasized that the United States attaches great importance to the development of mutually beneficial cooperation with neutral Turkmenistan.

After warmly welcoming Steve Daines, President Serdar Berdimuhamedov expressed his strong belief that the upcoming talks during the visit of the guest will present an opportunity to exchange of views on the prospects for expanding interstate partnership.

Touching upon the issues of political and diplomatic relations, the parties noted that in recent years, the political dialogue between the two countries has become active. This provides an opportunity for an effective exchange of views on such issues of global agenda as sustainable development, security and climate change.

The topic of discussion was also the trade and economic sphere, which is among the main vectors of interaction between the countries. For many years, fruitful cooperation has been continuing with the largest American companies taking place in the implementation of important projects in Turkmenistan. In this context, the great contribution of the «Turkmenistan USA» Business Council to this process was noted.

As the head of state emphasized, Turkmenistan is implementing a strategy for diversifying energy export routes. At the same time, it was noted that Turkmenistan stands for the development of partnership taking into account the interests of producers, consumers and transit countries.

During the exchange of views on priority areas of collaboration, the presence of vast opportunities for the development of bilateral cooperation was noted.

At the end of the meeting, President Serdar Berdimuhamedov and the US Senator from Montana, member of the US Senate Committee on Energy and Natural Resources Steve Daines exchanged best wishes.

# TÜRKMEN HALKYNYŇ MILLI LIDERI, TÜRKMENISTANYŇ HALK ASLAHATYNYŇ BAŞLYGY IŞ MASLAHATYNY GEÇIRDI

25-nji noýabrda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Halk Maslahatynyň Diwanynyň iş dolandyryjysy, Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň wise-prezidenti R.Bazarowyň we Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň prezidenti A.Aşirowyň gatnaşmagynda iş maslahatyny geçirdi.

Onda häzirki döwürde milli ykdysadyýetimiziň pudaklarynda ýaýbaňlandyrylan giň möçberli özgertmeleriň durmuşa geçirilişi, halkymyzyň abadan durmuşynyň üpjün edilmegi hem-de öndürijilikli zähmetiň berkarar bolmagy bilen baglanyşykly meselelere garaldy.

Iş maslahatynda Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň prezidenti A.Aşirowyň, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Diwanynyň iş dolandyryjysy, Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň wise-prezidenti R.Bazarowyň hasabatlary diňlenildi.

Milli Liderimiz Halk Maslahatynyň işiniň häzirki döwrüň talabyna laýyk derejede guralmagy babatda bilelikdäki tagallalaryň zerurdygyna ünsi çekip, milli kanunçylygyň yzygiderli kämilleşdirilmeginiň möhüm wezipeleriň hatarynda kesgitlenendigini belledi. Şeýle-de alym Arkadagymyz intellektual eýeçilik boýunça kanunlaryň işlenip taýýarlanylmagyna hemmetaraplaýyn esasda çemeleşilmelidigini aýdyp, bu babatda degişli ýolbaşçylara birnäçe anyk görkezmeleri berdi.

Soňra çeper döredijilige gadyr goýýan hormatly Arkadagymyz, däp bolşy ýaly, zähmet rugsadynda — dynç alyş günlerinde döredijilik bilen meşgul bolandygyny aýtdy. Milli Liderimiz şöhratly taryhymyz hakynda toplan ençeme maglumatlaryny kagyza geçirip, täze kitabyny ýazyp tamamlandygyny we oňa «Hakyda göwheri» diýip at goýandygyny habar berdi.




Iş maslahatyna gatnaşanlar Milli Liderimizi döreden täze eseri bilen gutladylar we ajaýyp kitaplarynyň höwrüniň köp bolmagyny arzuw etdiler. Şeýle hem olar alym Arkadagymyzyň zehininden döreýän eserleriň diňe bir halkymyz däl, eýsem, dünýä okyjylary üçin hem ähmiýetli gollanma öwrülýändigini aýratyn nygtadylar.

Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow hoşniýetli sözler üçin minnetdarlyk bildirip, iş maslahatyny jemledi.

# TÜRKMEN HALKYNYŇ MILLI LIDERINIŇ TÜRKI DÖWLETLERIŇ GURAMASYNYŇ AKSAKGALLAR GEŇEŞINIŇ BAŞLYGY BILEN TELEFON ARKALY SÖHBETDEŞLIGI

25-nji noýabrda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow bilen Türki Döwletleriň Guramasynyň Aksakgallar geňeşiniň başlygy Binali Ýyldyrymyň arasynda telefon arkaly söhbetdeşlik boldy.




Türki Döwletleriň Guramasynyň Aksakgallar geňeşiniň başlygy Gahryman Arkadagymyzy ýakynda Wengriýanyň paýtagty Budapeştde geçiriljek Aksakgallar geňeşiniň 16-njy mejlisine geňeşiň agzasy, şeýle hem hormatly myhman hökmünde gatnaşmaga çagyrdy we Türkiýe Respublikasynyň Prezidenti Rejep Taýyp Ärdoganyň mähirli salamyny ýetirdi.

Gahryman Arkadagymyz Türkmenistan üçin Türkiýe Respublikasynyň iň ýakyn doganlyk döwletleriň biridigini, häzirki wagtda türkmen-türk gatnaşyklarynyň täze many-mazmuna eýe bolup, ýokary derejede alnyp barylýandygyny kanagatlanma bilen belledi. Söhbetdeşligiň dowamynda nygtalyşy ýaly, türki döwletler bilen ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn hyzmatdaşlygy ösdürmek ýurdumyzyň daşary syýasat strategiýasynda möhüm orny eýeleýär.

Türkmen halkynyň Milli Lideri Türkmenistan bilen Türkiýe Respublikasynyň, Türki Döwletleriň Guramasynyň arasyndaky gatnaşyklary ösdürmäge we has-da pugtalandyrmaga gönükdirilen başlangyçlary goldamaga taýýardygyny tassyklap, Binali Ýyldyrymy şu ýylyň 12-nji dekabrynda Halkara Bitaraplyk güni mynasybetli Aşgabatda geçiriljek baýramçylyk çärelerine gatnaşmaga çagyrdy.

Telefon arkaly söhbetdeşligiň ahyrynda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow we Türki Döwletleriň Guramasynyň Aksakgallar geňeşiniň başlygy Binali Ýyldyrym birek-birege berk jan saglyk, bagtyýarlyk, iki ýurduň doganlyk halklaryna bolsa parahatçylyk, abadançylyk, rowaçlyk arzuw etdiler.

Интернет газета
Международные новости

# THE NATIONAL LEADER OF TURKMEN PEOPLE, CHAIRMAN OF HALK MASLAHATY MET WITH THE DELEGATION OF UAE

On 25 November 2024, the National Leader of Turkmen people, Chairman of Halk Maslahaty Gurbanguly Berdimuhamedov met with the UAE Minister of Energy and Infrastructure Suhail Al Mazrouei, as well as the Minister of Industry and Advanced Technology, General Director of Abu Dhabi National Oil Company Sultan Ahmed Al Jaber.

Expressing gratitude for the opportunity to meet, the guests conveyed to the National Leader of Turkmen people greetings of the President of the UAE Sheikh Mohamed bin Zayed Al Nahyan and Vice President, Deputy Prime Minister and President of the Presidential Court Sheikh Mansour Bin Zayed Al Nahyan.

Greeting the representatives of the UAE, Chairman of Halk Maslahaty addressed his best wishes to the highest leadership of the friendly state. The National Leader of Turkmen people expressed confidence that the current visit of the delegation of the brotherly country will contribute to strengthening the traditional dialogue and expanding opportunities for bilateral cooperation.

It was noted that Turkmenistan carries out long-term and multifaceted cooperation with



the UAE. Interstate ties are characterized by a high level of mutual understanding and close interaction. The two countries successfully collaborate in the bilateral format, as well as within the UN and other international organizations, providing mutual support to initiatives on contemporary issues of international agenda.

At the same time, it was emphasized that the United Arab Emirates are important trade and economic partners of Turkmenistan. The countries successfully cooperate in the fuel and energy, transport and communications, as well as financial sectors. In this context, the great contribution of the leading companies of the UAE to the development of Turkmenistan's fuel and energy complex, as well as the long-standing experience of partnership in this direction were noted.

It was highlighted that during the visit of the National Leader of Turkmen people to the UAE in February last year, the State Concern «Turkmengas» and the company «ADNOC'» signed a Memorandum of Understanding on cooperation in the field of energy.

In addition, the Chairman of Halk Maslahaty congratulated the representatives of the UAE on successfully hosting the Conference of the Parties to the UN Framework Convention on Climate Change.

During the meeting, the Chairman of Halk Maslahaty noted that the gas chemical products of Turkmenistan, which holds leading positions in the world in terms of hydrocarbon resources, are highly demanded in the world market, and recently a feasible inflow of natural gas with a daily production rate of 2 million cubic meters was obtained at the «Galkynysh» gas field.

Speaking about the great interest of the states of the region in importing Turkmen gas according to «SWAP» scheme, the National Leader of Turkmen people emphasized the importance of the implementation of the Turkmenistan-Afghanistan-Pakistan-India transnational gas pipeline project.

Highlighting that a favorable investment climate has been established in Turkmenistan and a suitable legal framework has been formed in this regard, the guests reaffirmed their readiness to further develop mutually beneficial cooperation.

At the end of the meeting, the National Leader of Turkmen people, Chairman of the Halk Maslahaty Gurbanguly Berdimuhamedov and the representatives of UAE exchanged best wishes and expressed confidence that the bilateral relations will continue to develop for the benefit of the fraternal peoples of two countries.

# THE MINISTER OF FOREIGN AFFAIRS OF TURKMENISTAN MET WITH THE SECRETARY GENERAL OF THE INTERNATIONAL ROAD TRANSPORT UNION

On November 26, 2024, a meeting was held between the Minister of Foreign Affairs Rashid Meredov and the Secretary General of the International Road Transport Un-



ion (IRU) Umberto de Pretto, who arrived in Ashgabat on a working visit.

During the meeting, the parties noted the importance of the two-day International Conference and Exhibition "International Transport-Transit Corridors: Connectivity and Development - 2024" (ITTC-2024), which started today in Ashgabat, timed to coincide with World Sustainable Transport Day.

The interlocutors focused on the many years of positive experience of interaction between Turkmenistan and the IRU, including the introduction of mechanisms to simplify transit customs procedures and accelerate cargo flows.

They especially emphasized Turkmenistan's contribution to the development of sustainable transport systems, logistical connectivity, and the creation of transport and communications infrastructure in accordance with global economic processes. In this regard, it was noted that, at the initiative of Turkmenistan, six UN General Assembly resolutions on sustainable transport have been adopted over the past decade.

In addition, the interlocutors discussed the possibilities of strengthening cooperation in 2025, declared by the UN General Assembly resolution as the International Year of Peace and Trust, in particular within the framework of Turkmenistan's Chairmanship in the Special Program for the Economies of Central Asia (SPECA) next year.

The parties agreed to continue cooperation within the framework of multilateral formats, including the development of a legal framework for interaction.

# DUŞENBE ŞÄHERINDE TÜRKMEN-TÄJIK SYÝASY GEŇEŞMELER GEÇIRILDI

2024-nji ýylyň 20-nji noýabrynda Duşenbe şäherinde Türkmenistan bilen Täjigistan Respublikasynyň daşary syýasat edaralarynyň arasynda syýasy geňeşmeler geçirildi.

Türkmen tarapyna Daşary işler ministriniň orunbasary Ahmet Gurbanow, täjik tarapyna Daşary işler ministriniň orunbasary Imomi Sodik Aşurboýzada ýolbaşçylyk etdi.

Geňeşmeleriň dowamynda iki ýurduň arasyndaky hyzmatdaşlygyň syýasy-diplomatik ugry ara alnyp maslahatlaşyldy, ýokary derejedäki yzygiderli gatnaşyklaryň ähmiýeti nygtaldy. Sebitleýin we halkara gurluşlaryň, hususan-da BMG-niň çäklerindäki özara gatnaşyklara aýratyn üns berildi.

Söhbetdeşler Daşary işler ministrlikleriniň ugry boýunça alnyp barylýan hyzmatdaşlygyň netijelidigini bellediler. Şu nukdaýnazardan diplomatlar hereket edýän iki ýurduň Daşary işler ministrlikleriniň arasynda häzirki wagtda hereket edýän Hyzmatdaşlyk Maksatnamasynyň çäklerinde gatnaşyklaryň derejesine ýokary baha berdiler. Şol bir wagtyň özünde ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň şertnama-laýyn-hukuk binýadyny kämilleşdirmek bilen baglanyşykly meselelere garaldy.

Taraplar söwda-ykdysady we maýa goýum hyzmatdaşlygynyň barşyna baha berdiler. Eksport-import amallaryny artdyrmak hem-de hödürlenýän harytlaryň we hyzmatlaryň sanawyny giňeltmek ýaly meseleleri nazara almak bilen, bu ugurdaky gatnaşyklaryň mundan beýläk-de ösdürilmegine ýardam berýän şertleri kämilleşdirmegiň zerurdygy nygtaldy.

Mundan başga-da, wekiliýet agzalary gatnaşyklaryň medeni-ynsanperwer uguruna üns çekdiler. Ylym we bilim pudaklarynda özara gatnaşyk-



laryň oňyn tejribesi nygtaldy. Taraplar medeni we ylmy alyş-çalyşlaryny guramak tejribesini dowam etdirmek barada ylalaşdylar.

Täjigistana saparynyň çäklerinde Türkmenistanyň Daşary işler ministriniň orunbasary A.Gurbanow Täjigistan Respublikasynyň Daşary işler ministri Sirojiddin Muhriddin bilen hem duşuşdy.

Duşuşygyň barşynda taraplar türkmen-täjik hyzmatdaşlygynyň meseleleriniň giň toplumyny ara alyp maslahatlaşdylar, şeýle hem özara gyzyklanma bildirilýän halkara we sebit meselelerine garadylar.

# Четырнадцатая ежегодная встреча заместителей министров иностранных дел стран Центральной Азии

26 ноября 2024 года делегация Туркменистана во главе заместителем министра иностранных дел Туркменистана Мяхри Бяшимовой приняла участие в четырнадцатой ежегодной встрече заместителей министров иностранных дел стран Центральной Азии.

Встреча организована Региональным центром ООН



по превентивной дипломатии для Центральной Азии (РЦПДЦА) при поддержке правительства Узбекистана.

На встрече приняли участие заместители министров иностранных дел стран Центральной Азии, представители Миссии ООН по содействию Афганистану, Департамента по политическим вопросам, вопросам миростроительства и миротворческим операциям ООН, также РЦПДЦА.

В ходе встречи стороны обсудили актуальные вопросы региональной и международной повестки дня, рассмотрели перспективы развития регионального сотрудничества в Центральной Азии.

Также состоялся обмен мнениями о событиях и тенденциях, влияющих на мир и безопасность в Центральной Азии. В этом контексте было подчеркнуто, что такие встречи играют решающую роль, позволяя своевременно реагировать на возникающие риски и адаптировать совместные меры к новым вызовам.

# В Ашхабаде начали свою работу международная конференция и выставка «Международные транспортно-транзитные коридоры: взаимосвязь и развитие – 2024»

26 ноября 2024 года в Ашхабаде в здании Торгово-промышленной палаты Туркменистана начали свою работу международная конференция и выставка «Международные транспортно-транзитные коридоры: взаимосвязь и развитие – 2024», приуроченные ко Всемирному дню устойчивого транспорта.



В мероприятии, организованном Агентством транспорта и коммуникаций при Кабинете Министров Туркменистана принимают участие руководители и специалисты профильных организаций Туркменистана, высокопоставленные делегаты из десятков стран мира, включая представителей международных организаций, специализирующихся в сфере транспорта и логистики.

С особым вниманием было заслушано приветственное Обращение Президента Туркменистана Сердара Бердымухамедова к участникам международной конференции и выставки.

В результате претворения в жизнь транспортно-коммуникационной стратегии Туркменистан систематически укрепляет свои позиции как важнейшего транспортно-логистического центра регионального и международного масштаба.

16 мая 2023 года на 70-м пленарном заседании 77-й сессии Генеральной Ассамблеи Организации Объединённых Наций по инициативе Туркменистана и при единогласной поддержке государств-членов ООН была принята Резолюция об объявлении 26 ноября Всемирным днём устойчивого транспорта. Именно в этот день в 2016 году в Ашхабаде состоялась первая Глобальная конференция по устойчивому транспорту ООН.

Выдвинутые Туркменистаном на протяжении последних лет инициативы находят последовательную поддержку мирового сообщества. Об этом ярко свидетельствуют принятые Генеральной Ассамблеей ООН по инициативе Туркменистана 6 резолюций, призванные придать сотрудничеству в транспортном секторе качественно новый импульс.

Предварила международную конференцию выставка достижений транспортно-коммуникационного комплекса Туркменистана, на которой представлены многочисленные стенды, отражающие формирование высокоэффективной транспортной инфраструктуры. Здесь показаны материалы о перспективных проектах, открывающих широкие возможности для международного партнёрства в транспортной сфере, создания условий для повышения инвестиционной активности и мировых тенденциях развития отрасли.

Сессии международной конференции посвящены интеграции зеленых технологий, цифровой трансформации и мультимодальному транспорту для поддержки экологически чистой логистики и повышения взаимосвязанности.

Работа международной конференции и выставки «Международные транспортно-транзитные коридоры: взаимосвязь и развитие – 2024» продолжается.

# НОВОСТИ МИРА И РЕГИОНА

***Ленты туркменских кинематографистов вошли в программу XVII Международного кинофестиваля «Евразия»***

С 24 по 30 ноября этого года в Алматы пройдет XVII Международный кинофестиваль «Евразия», который объединит более 15 стран. Кинофорум соберет режиссеров, актеров, сценаристов, кинокритиков и ценителей кинематографа со всего мира. Гости из Европы, Азии и Ближнего Востока.

В конкурсную программу кинофестиваля вошли 12 фильмов, в том числе художественный фильм «Daragt» режиссёра Сахысалыха Байрамова, который ранее был представлен на других площадках и в мае этого года уже был отмечен специальным призом жюри XVII Чебоксарского международного кинофестиваля.

Туркмено-узбекский фильм «Махтумкули Фраги», признанный «Лучшим художественным фильмом» на IV Международном кинофестивале «Gorkut ata» в Ашхабаде, также представлен на конкурс в Алматы.

***Посол Туркмнистана в Румынии встретился с туркменскими с тудентами, обучающимися в ВУЗах страны***

20 ноября 2024 года Посольством Туркменистана в Румынии была организована встреча Посла А.Аннаева с туркменскими студентами, обучающимися в ВУЗах страны.

В своем выступлении Посол А.Аннаев отметил достижения в молодежной политике страны, а также роль и высокие показатели молодого поколения в разных сферах. Он также рассказал о широкомасштабных мероприятиях, прошедших в 2024 году «Году великого поэта и мыслителя тюркского мира – Махтумкули Фраги», древнем туркменском городе Анау, который стал культурной столицей тюркского мира на 2024 год.

Выступавшие говорили о роли творчества Махтумкули Фраги в туркменской, а также в мировой литературе, об изучении философского наследия поэта, о новых открытиях в исследованиях его жизни и творчества. Обмен мнениями участников мероприятия был продолжен за праздничным туркменским дастарханом.

***Делегация Туркменистана приняла участие в Форуме ректоров вузов Центральной Азии***

20 ноября 2024 года, в столице Кыргызской Республики, городе Бишкеке, состоялся Форум ректоров высших учебных заведений Центральной Азии, объединивший представителей академического сообщества и ректоров высших учебных заведений региона. Делегацию Туркменистана представляли ректора Института телекоммуникаций и информатики Туркменистана Н.Кулиев, Туркменского государственного финансового института Б.Танрыбердиев и Туркменского государственного университета им. Магтымгулы О.Овезсахедов.

Выступления ректоров туркменских вузов были посвящены успехам системы образования Туркменистана, масштабным государственным преобразованиям и историческим инициативам, проводимым под руководством Президента Сердара Бердымухамедова.

В завершении мероприятия участники форума высоко оценили представленную информацию и выразили готовность углублять сотрудничество с вузами Туркменистана, признавая их вклад в развитие регионального и международного академического партнерства.

***Посол Туркменистана встретился с заместителем министра иностранных дел Италии***

20 ноября 2024 года в МИД Италии состоялась встреча Чрезвычайного и Полномочного Посла Туркменистана в Итальянской Республике Т.Комекова с заместителем министра иностранных дел Итальянской Республики Э. Чириелли.

В ходе встречи были рассмотрены дальнейшие шаги по укреплению двустороннего взаимодействия в рамках международных организаций и углубления отношений в научно культурных, торгово-экономических сферах, в частности проведение различных мероприятий с участием руководителей профильных ведомств. Особое внимание было уделено вопросу организации визита руководителей внешнеполитического ведомства Италии в Ашхабад для проведения межмидовских консультаций.

В завершении встречи стороны обменялись наилучшими пожеланиями мира и процветания для народов Туркменистана и Италии, подчеркнув важность партнерства между двумя странами.

***Материалы подготовлены на основе интернет-источников.***